2-nji tema: ***Türkmen Türkçesinde Tanışma, Hal Hatır Sorma, Selamlaşma, Vedalaşma*** (Tanyş bolma / tanyşma, hal-ýagdaý sorama, salamlaşma, hoşlaşma)

**Dersiň maksady**:

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

✓ **Tanyşmadaky yzygiderlilik düzgüni**

❖ Türkmen urp-adatlaryna, däp-dessurlaryna we türkmen sözleýiş medeniýetine görä, sözleýiş turuwbaşdan salam bilen başlanmalydyr.

❖ Bu salamlaşma işinde sözleýäniň (sözleýijiniň) ýeri birinji orunda bolmalydyr. Diňleýäniň (diňleýijiniň) orny bolsa ikinjidir.

❖ Şonuň üçin bu ýerde ilki bilen talyplaryň ünsi turuwbşdan "*salamlaşmak*" işliğine çekilmelidir. Sebäbi talyp türkmen sözleýyiş medeniýetiniň ilkinji düzgünlerini bu dersiň kömegi bilen özleşdirmelidir.

✓ **Tanyş bolmak / tanyşmak näme?**

❖ Size belki şu wagta çenli "tanyşmak näme?", "tanyşlyk açmak näme?" diýen soraglar berilmedik bolup biler. Şonuň üçin bu soraglaryň jogaby talyplar tarapyndan oňat bilinmelidir.

❖ Adyndan belli bolşy ýaly, tanyş bolmak, tanyşmak, tanyşlyk açmak biri-biriň bilen gadyrdan gatnaşyk etmekdir.

❖ Tanyşmak, munuň özi biri-biriň bilen dostlaşmakdyr, doganlaşmakdyr.

❖ Tanyşmak, munuň özi biri-biriňi ýakyndan we içgin tanamakdyr.

❖ Tanyşmak, munuň özi biri-biriňe belet bolmakdyr.

❖ Tanyşmak, biri-biriňi oňat bilmekdir. Şonuň üçin türkmenlerde tanamak we bilmek işlikleriniň kökünden esas alýan "tanyş-biliş" aýtgysy işjeň ulanylýar.

✓ **Tanyş bolmak / tanyşmak nähili ýola goýulmaly?**

- ❖ Tanyşmak, tanyş bolmak üçin iki tarap üçin-de amatly we uygun pursat, gatnaşyk üçin oňaýly giňişlik, taraplaryň özara ylalaşygy hökmandyr.

- ❖ Tanyşma wagtynda iki tarapyň (sözleýiji bilen diňleýijiniň, başgaça aýdylanda, tanyşmakçy bolýan iki sany şahsyň) sözleýşi medeniýetli bolmalydyr.

- ❖ Eger tanyşýan kişiňiz öň nätanyş bolsa onda onuň üçin "siz", "siz bilen", "bagyşlaň", "eger mümkin bolsa", "aýtsaňyzlaň", "tanyş boluň", "tanyş bolalyň", "tanyşmaga rugsat ediň", "geliň, tanyş bolalyň", "men size özümi tanyşdyraýyn", "siz maňa özüňizi tanyşdyrsaňyzlaň" ýaly sözleri we söz düzümleri ulanmak ýerlikli bolar.

- ❖ Tanyşma wagtynda her iki tarap hem doly we dogry adyny ulanmalydyr. Gysgalma görnüşli nusga ýa-da lakam ulanylmaly däldir.

- ❖ Soňra dürli tekstlerden alnan tanyşma bilen baglanyşykly nusgalar derňelmeli we olaryň häsiýetli aýratynlyklary öwredilmelidir.

### ✓ **Hal-ýagdaý soramak näme?**

- ❖ Biriniň jan-saglygy, haly, ýagdaýy, amanlygy, esenligi barada ýakyndan habar almak

- ❖ Hal-ýagdaý sorama şahsyň özüniň, onuň maşgalasynyň, dost-ýarynyň, oba-garasynyň, goňşy-golamynyň ýagdaýyny bilmek

- ❖ Munuň bir görnüşi-de hassanyň hal-ýagdaýyny soramak bilen baglanyşyklydyr.

- ❖ Hassanyň hal-ýagdaýyny soramak adaty hal-ýagdaý soramakdan biraz tapawutlydyr.

- Hassanyň hal-ýagdaýyny soramakda mugallym esasy üns bermeli meseleleri ýatlatmalydyr.

✓ **Salamlaşmak näme?**

- ***Salamlaşmak*** işine iň azyndan iki adam gatnaşýandygyny bellemek gerek. Muňa sözleýji bilen diňleýji umumy mysal bolup biler.

- ***Salamlaşmak*** işi sözleýşe gatnaşýanlaryň biri-birine salam bermegidir ýa-da berlen salamy almagydyr.

- ***Salamlaşmak***, sözleýjiniň diňleýjä ýa-da biriniň başga birine salam bermegidir.

- "Salam" sözüniň asly arap sözüdir. Bu söz iki adamyň arasyndaky salamatlygy, saglygy, esenliği bilmek üçin aýdylypdyr.

- Beýleki türki halklarda bolşy ýaly, türkmenlerde-de salama uly üns beilýär.

- Ýaşlykdan çagalara salamlamlaşmagyň düzgünleri öwredilýär.

- Türkmen dilinde salamlaşma bilen baglanyşykly ulanylýan esasy sözler:

- **Essalawmaleýkim! / Salawmaleýkim! / Salam!**

- **Essalawmaleýkim!** sözi köplenç ýaşy uly adamlar, ýaşulular üçin ulanylýar. Sylag-hormat häsiýeti uludyr.

- **Salawmaleýkim!** sözi bolsa ýaşy uly adamlar üçin ulanylýar.

- **Salam!** sözi köplenç ýaşytdaş, deň-duş adamlar, üçin ulanylýar.

- ❖ Salam! Ertiriňiz haýyrly bolsun!

## 2. SALAMLAŞMA-TANYŞMA (SELÂMLAŞMA-TANIŞMA)

| | |
|---|---|
| **- Salam! Ertiriňiz haýyrly!**<br>*Sala:m! Erti:rňiz haýyrly!* | - Günaydın! |
| **- Agşamyňyz haýyrly bolsun!**<br>*Agşamňyz haýyrly volsun!* | - İyi akşamlar! |
| **- Gijäňiz rahat bolsun!**<br>*Gi:jä:ňiz ra:hat bolsun!* | - İyi geceler! |
| **-Salam!/Salawmaleýkim!/ Essalawmaleýkim!**<br>*Sala:m!/Salo:wma:leýki:m!/ Essalo:wma:leýki:m!* | - Merhaba!/Selâm! |
| **- Hoş geldiňiz!**<br>*Hoş gelliňiz!* | - Hoş geldiniz! |
| **- Aslyňyz nireli? / Siz nireden?**<br>*Aslyňyz ni:reli? / Siz ni:rden?* | - Nerelisiniz? |

| | |
|---|---|
| **- Aslym Türkiýeli. / Men Türkiýeden.**<br>*Aslym Türküýölü. / Men Türküýödön.* | - Türkiyeliyim. |
| **- Adyňyz näme? /Adyňyz kim? / Size kim diýerler?**<br>*A:dyňyz nä:me? / A:dyňyz kim? / Size kim diýerler?* | - Adınız ne? |
| **- Adym Nejdet.**<br>*A:dym Nejdet.* | - Adım Necdet'tir. |
| **- Familiýaňyz / soý adyňyz näme?**<br>*Fami:lýa:ňyz / soýa:dyňyz nä:me?* | - Soyadınız ne? |
| **- Familiýam/soý adym Aýgündür.**<br>*Fami:lýa:m/soýa:dym A:ýgünnür.* | - Soyadım Aygün'dür. |
| **- Tanyşanymyza örän şat!**<br>*Tanşanmyza örä:n şa:t!* | - Tanıştığımıza sevindim! |